**ALMATY, KAZAGYSTAN —** 2025-nji ýylyň 22-nji sentýabryndan 3-nji oktýabry aralygynda Gazagystanyň Almata şäherinde ýerleşýän Jolda Dance Theatre tarapyndan türkmenistanly tansçylar we horeograflar üçin ýörite döredijilik rezidensiýasy gurnalar. Bu çäre häzirki zaman tans sungatyny ösdürmäge gönükdirilen halkara taslamanyň — «Dance Turkmenistan!» — çäginde amala aşyrylýar.



Taslama Fransiýanyň Türkmenistandaky instituty tarapyndan Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi, Ýewropa Bileleşiginiň Türkmenistandaky wekilhanasy, Fransiýa we Italiýa döwletleriniň ilçihanalary, şeýle hem Gazagystandaky Goethe-Institut bilen hyzmatdaşlykda durmuşa geçirilýär. Maliýeleşdirilmegi bolsa EUNIC — Ýewropa Bileleşiginiň milli medeni institutlarynyň torunyň «European Spaces of Culture» maksatnamasy arkaly üpjün edilýär. Maksatnama ÝB-niň halkara medeni gatnaşyklary boýunça strategik çemeleşmesini öňe sürýär.

Iki hepdelik rezidensiýanyň maksady — tans sungatynda tejribe alyşmak, döredijilik hyzmatdaşlygyny ösdürmek we täze sahna işleri bilen çykyş etmek üçin giňişlik

Все права защищены

döretmekdir. Gatnaşyjylar ýerli hünärmenleriň ussatlyk sapaklaryna gatnaşarlar, teatrlaryň we tans toparlarynyň wekilleri bilen duşuşarlar. Kuraatorlaryň ýolbaşçylygynda olar öz döredijilik taslamalaryny işläp taýýarlap, 3-nji oktýabrda açyk görkezilişde hödürlärler.

Rezidensiýanyň çäginde gatnaşyjylar Jolda Dance Theatre, Samruk häzirki zaman teatry, TEATRO89, ALMATY CREATIVE, TRANSFORMA, ArtKoshe teatry, Almaty sungat muzeýi, «Çelinnыý» häzirki zaman medeniýet merkezi bilen tanyşarlar. Şeýle hem olar kostýum dizaýneri Tamara Said, kompozitor we ses sungatçysy Ella Baisybaýewa, režissýor we köpugurly suratkeş Mark Kuklin bilen döredijilik duşuşyklaryna gatnaşarlar.

Rezidensiýanyň prodýuserleri — Jolda Dance Theatre-yň esaslandyryjysy Žanna Tulendy we halkara hyzmatdaşlyk boýunça hünärmen Nafisat Ermagambetowa. Kuraatorlyk we tälimçilik topary: Artur Galimullin, Gülsaýa Taurhanowa, Mariýa Gubanova we Tomiris Mettybaýewa.

**THE ASHGABAT TIMES** bu döredijilik başlangyjyny häzirki zaman tans sungatynyň ösüşinde möhüm ädim hökmünde belleýär we gatnaşyjylara üstünlik arzuw edýär.

Все права защищены